Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:
– BIZ DÜNÝÄNIŇ ÄHLI ÝURTLARY WE HALKLARY ÜÇIN AÇYKDYRYS!

# ÝAŞ DIPLOMATYŇ SESI

Biziň baş maksadymyz Watana gulluk etmekdir! METBUGAT — ELEKTRON GAZETI

THE VOICE OF YOUNG DIPLOMAT

Our main goal is to serve the Motherland! ELECTRONICIC NEWSPAPER

*Esaslandyryjysy — Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary instituty*

*Elektron gazet 2020-nji ýylyň 1-nji oktýabryndan bäri çykýar.*

№32 (82) | 2023-nji ýylyň 20-nji dekabry



## HEPDÄNIŇ MÖHÜM WAKALARY

***11-nji dekabrda*** paýtagtymyzda utgaşykly görnüşde parahatçylygyň, howpsuzlygyň we durnukly ösüşiň bähbidine Bitaraplygyň dostlary toparynyň ýokary derejedäki mejlisi geçirildi. Duşuşyga Birleşen Milletler Guramasyna agza döwletleriň wekilleri, şeýle hem halkara, sebit guramalarynyň ýolbaşçylarydyr işgärleri gatnaşdylar.

* * *

***11-nji dekabrda*** Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynda Halkara Bitaraplyk güni we Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplyk derejesine eýe bolmagynyň 28 ýyllygy mynasybetli «Dialog — parahatçylygyň kepili» atly halkara forum geçirildi.

Şanly sene — Türkmenistanyň Bitaraplygynyň 28 ýyllygy mynasybetli institutyň girelge zalynda ýurdumyzdaky diplomatik wekilhanalaryň, ýurdumyzyň durmuşykdysady ösüşini şöhlelendirýän pudak edaralarynyň baýramçylyk sergisi ýaýbaňlandyryldy.

«Dialog — parahatçylygyň kepili» atly halkara forumyň netijeleri boýunça Jemleýji resminama kabul edildi.

* * *

***11-nji dekabrda*** hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Halkara Bitaraplyk güni mynasybetli geçirilýän dabaralara gatnaşmak üçin Aşgabada gelen BMG-niň Ösüş maksatnamasynyň dolandyryjysynyň orunbasary, Ýewropa we GDA ýurtlary boýunça sebitleýin býurosynyň direktory hanym Iwana Žiwkowiçi kabul etdi.

Duşuşygyň barşynda Türkmenistanyň Hökümeti bilen BMG-niň Ösüş maksatnamasynyň arasynda saglygy goraýyş ulgamynda üstünlikli amala aşyrylýan taslamalara aýratyn üns berildi.

* * *

***12-nji dekabrda*** hormatly Prezidentimiz Watanymyzyň parahatçylyk, döredijilik, hoşniýetlilik taglymlaryna üýtgewsiz ygrarlylygynyň nyşany bolan Bitaraplyk binasyna gül goýmak dabarasyna gatnaşdy.

* * *

***14-15-nji dekabrda*** Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi tarapyndan sanly ulgam arkaly XI Türkmen-german lukmançylyk forumy geçirildi.

* * *

***16-17-nji dekabrda*** Türkmenistanyň daşary işler ministriniň ýolbaşçylygyndaky türkmen wekiliýeti Owganystanyň Hyrat welaýatyna iş saparyny amala aşyrdy.

Owganystanyň daşary işler ministri Amir Han Mottaki, dag-magdan senagaty ministri Şahabutdin Delawar hem-de söwda we senagat ministri Nuretdin Aziz bilen geçirilen duşuşyklarda ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň giň toplumyny öz içine alýan meseleleriň ençemesine seredildi.

* * *

***18-nji dekabrda*** Moskwada Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygyna agza döwletleriň Hökümet Baştutanlarynyň Geňeşiniň mejlisi geçirildi.

Mejlise Azerbaýjanyň Premýer-ministri A.Asadow, Belarusiýanyň Premýer-ministri R.Golowçenko, Gazagystanyň Premýer-ministri A.Smailow, GDA-nyň Hökümet Baştutanlarynyň Geňeşiniň başlygy, Gyrgyzystanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygy A.Žaparow, Russiýa Federasiýasynyň Hökümetiniň Baştutany M.Mişustin, Täjigistanyň Premýer-ministri K.Rasulzoda, Özbegistanyň Premýer-ministri A.Aripow, Ermenistanyň Premýer-ministriniň orunbasary M.Grigorýan, GDA-nyň Baş sekretary S.Lebedew gatnaşdylar.

Türkmenistanyň wekiliýetine Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň Orunbasary H.Geldimyradow ýolbaşçylyk etdi.

Duşuşyga gatnaşyjylar köptaraplaýyn hyzmatdaşlygyň we Arkalaşygyň medeni we ynsanperwer gatnaşyklarynyň häzirki meseleleri barada pikir alyşdylar.

* * *

***19-njy dekabrda*** Brýusselde Türkmenistan bilen Ýewropa Bileleşiginiň bilelikdäki komitetiniň 22-nji mejlisi geçirildi.

Duşuşykda Türkmenistanyň makroykdysady ýagdaýy we onuň dünýä ykdysadyýetiniň integrasiýasyna ymtylmalary, esasan-da, ýurduň Bütindünýä Söwda Guramasyna (BSG) agza bolmak babatda alyp barýan işleriniň çäklerinde birnäçe meseleler ara alnyp maslahatlaşyldy.

**«Ýaş diplomatyň sesi».**

*Syýasy habarlar*



## СОСТОЯЛИСЬ ОНЛАЙН-ЛЕКЦИИ, ПРИУРОЧЕННЫЕ К МЕЖДУНАРОДНОМУ ДНЮ НЕЙТРАЛИТЕТА

11-15 декабря 2023 года для студентов Института международных отношений МИД Туркменистана и Московского государственного института международных отношений (университета) МИД Российской Федерации был прочитан цикл онлайн-лекций, приуроченный к Международному дню нейтралитета. На лекциях именитых профессоров двух вузов были затронуты такие аспекты мировой политики и дипломатии как, особенности современных международных отношений, внешняя политика и нейтралитет Туркменистана, Евразийские Балканы в «Большой игре» и другие.

## HALKARA YLMY-AMALY MASLAHAT GEÇIRILDI

2023-nji ýylyň 18-nji dekabrynda Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynda «Magtymguly Pyragynyň döredijiliginde parahatçylyk ýörelgeleri we umumadamzat gymmatlyklary» atly gibrid görnüşde halkara ylmy-amaly maslahat geçirildi. Maslahata Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň, Seýitnazar Seýdi adyndaky Türkmen döwlet mugallymçylyk institutynyň, Türkmen oba hojalyk institutynyň, Türkmenistanyň Inžener-tehniki we ulag kommunikasiýalary institutynyň, Hydyr Derýaýew adyndaky Mugallymçylyk mekdebiniň professor-mugallymlary hem Halkara gatnaşyklary institutynyň hyzmatdaşlygy ýola goýan daşary ýurtlaryň ýokary okuw mekdepleriniň, diplomatik akademiýalarynyň we merkezleriniň wekilleri wideoaragatnaşyk arkaly gatnaşdylar.



**«Ýaş diplomatyň sesi».**

Ykballary özgerdýän bäsleşik

# HÜNÄRLI ÝIGIT – MIWELI DARAGT

*Ýoluň ugry bilen daşyňy gurşap alan ajaýyp tebigatyň gözelliklerini synlap barýarsyň. Şol gadam urup barşyňa, ýol ugrundaky käbiri durmuşyň ajysyny-süýjüsini dadan gojalara, käbiri bolsa ýaňy durmuşyň gapysyndan ätlän juwana çalym edýän agaçlarda nazaryň eglenýär. Dünýäniň bezegi, älem-jahanyň gelşigi, adamzadyň howasy — agaçlar. Agaçlaryň seresi bolsa olaryň miwelisi. Ynsanyň naýbaşysy bolsa, elbetde, hünärlisi.*

Türkmeniň aýtmadyk zady ýok! Pähim-paýhasy taryhyň jümmüşinden gözbaş alyp gaýdýan halkymyz «Hünärli är hor olmaz, dost-duşmana zar olmaz», «Hünär eýesini eziz eder», «Ýigit görki – hünär» ýaly nakyllary ýönelige döretmändir ahyry. Her bir ynsanyň ýaş wagtynda hünär saýlap, öz öňünde maksat goýup, şol maksada ýetmek üçin zähmet çekmegi onuň durmuşyndaky iň jogapkärli işleriň biri. Hünär saýlamak meselesi barada agzanymyzda, Türkmenistanyň halk ýazyjysy Kerim Gurbannepesowyň şu setirleri biygtyýar ýadyňa düşýär: «Her kim bir hünäre ýetirse hököm, // Iliňe bergidar bolmaýşyň besdir». Her bir ynsanyň öz höwes edýän, baş çykarýan hünärini saýlap almaklygy onuň diňe bir özi babatda däl, eýsem, il-güni, ata Watany üçin hem möhüm bolup durýar. Her bir adamyň çekýän zähmeti, hünärine bolan söýgüsi Garaşsyz, baky Bitarap Watanymyzyň ösüşine hem aýratyn goşant goşýar. Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň başlangyjy bilen Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynda döredilen Ýaş diplomatlaryň mekdebi ýaş nesilleri diplomatik hünäre ugrukdyrmakda, olaryň Bitarap Watanymyzyň parahatsöýüjilikli daşary syýasatyna bolan gyzyklanmalaryny artdyrmakda netijeli işleri alyp barýar. Geljekde dünýä ýüzünde Türkmenistan döwletimize wekilçilik etjek halkaraçy hünärmenleri saýlap almak, has dogrusy, geljekki türkmen diplomatlaryny ýüze çykarmak, şeýle uly jogapkärçiligi öz egnine alyp biljek mynasyp ýaşlary saýlap-seçmek, elbetde, ýeňil-ýelpaý iş däl. Şeýle jogapkärçilikli işde bolsa Ýaş diplomatlaryň mekdebiniň guramagynda geçirilýän «Parahatçylygyň ýaş çaparlary» atly akyl-paýhas bäsleşiginiň möhüm orny bar. Bu bäsleşigiň geçirilip başlanany ýaňy ýaly hem bolsa, eýýäm bäsleşigiň I möwsüminiň gatnaşyjylarynyň we ýeňijileriniň 9-ysy, II möwsüminiň gatnaşyjylarynyň we ýeňijileriniň 11-isi türkmen diplomatiýasynyň milli mekdebinde bilim alýar. Ykballary özgerdýän bu bäsleşik maňa hem hünär saýlamak meselesinde ýol görkeziji çelgi boldy. Onda ýeňiji bolmagym bilen, ykbalym düýpgöter üýtgäp, ýurdumyzyň daşary syýasatyna, döredijilige bolan höwesim has hem artdy. Şol höwes, şol hyjuw bolsa meni Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutyna getirdi. Ýene-de sanlyja günlerden hoşlaşyljak 2023-nji — Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýylynda bu ýokary okuw mekdebiniň bagtyýar talyby bolmak bagty maňa-da miýesser etdi.







Arkadagly Gahryman Serdarymyz: «Gündogaryň beýik akyldary we danasy Magtymguly Pyragy özüniň çuňňur pähim-paýhasa ýugrulan goşgulary bilen ynsan kalbynda baky orun aldy» diýip, örän jaýdar belläp geçýär. Häzirki wagtda bolsa bäsleşigiň «Beýik Magtymguly Pyragynyň taglymaty – umumadamzat gymmatlyklarynyň milli şamçyragy» atly umumy şygar astynda III möwsümi gyzgalaňly dowam edýär. Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň rektory, taryh ylymlarynyň kandidaty Jumamyrat Gurbangeldiýewiň «XVIII asyrdaky Orta Gündogar geosyýasatynyň «uly oýnunda» Magtymguly göçümi» atly ylmy makalasynda: «Biziň çuňňur ynanjymyza görä, Magtymguly mongol çozuşlaryndan soňra türkmeniň düýp ojagyndan örňemäge mejbur bolup, Hindistany, Orta Gündogary, Kawkazy, Anadolyny öz içine alan halajy, akgoýunly, garagoýunly, osman, sefewi, owşar türkmenleri tarapyndan gurlan döwletdir şadöwletleriň döwlet guruş tejribesini çuňňur öwrenip, olaryň meşhur şalarynyň oňyn mirasyny geljekde ata Watanda «ýurt binamyz gaýym bolsun, goýulsyn» diýýän döwletiniň binýadyny tutmalydygyna magat göz ýetiripdir» diýip belleýşi ýaly, Magtymguly Pyragy diňe bir şahyr hökmünde däl, eýsem, XVIII asyrda bolup geçýän syýasy wakalardyr göçümlere akyl ýetirmekligi başaran syýasatçy hem bolupdyr. Geljekki ykbalyny diplomatiýa hünärine baglamak isleýän parahatçylygyň ýaş çaparlary üçin hem beýik filosof, akyldar şahyr Magtymguly Pyragynyň umman kibi çuň döredijiligini, onuň ömür ýoluny, şahsyýetini içgin öwrenmek zerur bolup durýar. Olar munuň üçin yhlas bilen okamagy dowam edýärler. 2023-nji ýylyň 20-nji dekabrynda geçirilen «Parahatçylygyň ýaş çaparlary» akyl-paýhas bäsleşiginiň III möwsüminiň IV oýny hem munuň şeýledigini aňryýany bilen subut etdi. Bäsleşigiň nobatdaky oýny akyldar şahyrymyz Magtymguly Pyragynyň «Döwletalynyň» atly şygrynda beýan eden Osman imperiýasynyň XVII-XVIII asyrlardaky halkara gatnaşyklaryna we daşary syýasatyna bagyşlanyldy. Bäsleşigiň bu oýnuna Saparmyrat Türkmenbaşy adyndaky ýöriteleşdirilen umumybilim berýän mekdep-internatynyň 11-nji synp okuwçysy Nurgeldi Ataýew, Aşgabat şäheriniň ýöriteleşdirilen 16-njy orta mekdebiniň 11-nji synp okuwçysy Medine Myratberdiýewa, Ahal welaýatynyň Sarahs etrabynyň 1-nji orta mekdebiniň 11-nji synp okuwçysy Atajan Döwletow, Balkan welaýatynyň Balkanabat şäheriniň 17-nji orta mekdebiniň 11-nji synp okuwçysy Kürmämmet Nobatow, Mary welaýatynyň Sakarçäge etrabynyň Şatlyk şäherindäki takyk we tebigy ugurlardan ýöriteleşdirilen 43-nji orta mekdebiniň 11-nji synp okuwçylary Leýli Ýagşymyradowa we Azat Amansähedow, Daşoguz welaýatynyň Boldumsaz etrabynyň 58-nji orta mekdebiniň 11-nji synp okuwçysy Mahym Püreşowa, Lebap welaýatynyň Kerki etrabynyň 9-njy synp okuwçysy Gülbahar Haitowa dagy gatnaşdylar.

Bäsleşige «Pähimdarlar geňeşiniň» agzalary hökmünde Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň uly mugallymy, filologiýa ylymlarynyň kandidaty Baba Saryýew, şeýle-de institutyň uly mugallymy, filosofiýa ylymlarynyň kandidaty Begenç Karaýew we Türkmen döwlet maliýe institutynyň uly mugallymy Ahmet Annaberdiýew dagy adalatly eminlik etdiler.

Bäsleşigiň netijeleri boýunça Aşgabat şäheriniň ýöriteleşdirilen 16-njy orta mekdebiniň 11-nji synp okuwçysy Medine Myratberdiýewa we Balkan welaýatynyň Balkanabat şäheriniň 17-nji orta mekdebiniň 11-nji synp okuwçysy Kürmämmet Nobatow ýeňiş gazanmagy başardylar. Bäsleşige gatnaşyjy okuwçylaryň özlerine berilýän sowallara ýiti zehinlilik, ugurtapyjylyk, ezberlik bilen jogap bermekleri, olaryň bäsleşige näderejede taýýarlykly gelendiklerini doly aýdyňlygy bilen subut etdi. Biz bu zehinli ýaşlaryň edil miweli agaçlar deýin öz saýlap aljak hünärleri üçin jan aýaman zähmet çekip, ezber hem erjel hünärmenler bolup, Garaşsyz baky Bitarap Watanymyza, türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza wepaly, ilhalar ynsanlar bolup ýetişjekdiklerine tüýs ýürekden ynanýarys!

***Ylhas HALLYÝEW,***
***Halkara žurnalistikasy fakultetiniň I ýyl talyby, «Parahatçylygyň ýaş çaparlary» atly akyl-paýhas bäsleşiginiň I we II möwsümleriniň ýeňijisi.***

*«Parahatçylygyň ýaş çaparlary» akyl-paýhas bäsleşiginiň «Beýik Magtymguly Pyragynyň taglymaty – umumadamzat gymmatlyklarynyň milli şamçyragy» atly şygar bilen geçirilýän III möwsüminiň 4-nji saýlama oýnunyň temasy «Osman imperiýasynyň XVII – XVIII asyrlardaky halkara gatnaşyklary we daşary syýasaty» diýlip atlandyryldy.*

Halypa diplomatdan ussatlyk sapaklary

# Magtymguly Pyragynyň döredijiligindäki diplomatlara mahsus sypatlar barada

*(Başlangyjy gazetiň 79-80-nji sanlarynda).*

***Beýik akyldar şahyrymyz Magtymguly Pyragynyň döredijiligi diplomatlara mahsus bolan gylyk-häsiýetler baradaky ündewlere hem örän baýdyr. Geliň, şol ündewleriň käbirleriniň üstünde gysgaça durup geçeliň.***

Ozaly bilen, akyldar şahyrymyzyň: «Akyl — ruhuň şatlygy, körzehinlik — betbagtlyk» diýmek bilen, öz ündewleriniň arasynda ilkinji orunlaryň birinde ýiti akyllylygy, akylyň özbaşdaklygyny, pikir ýöredip bilmekligi goýandygyny belläp geçeliň. Şeýle hem akyldar şahyrymyz diňe hakykata uýmaklygyň ynsany beýgeldýändigini, diňe hakykatyň jemgyýeti betbagtçylykdan gorap biljekdigini nygtamak bilen, dogruçyl bolmaklygy ündew edýär.

Özüniň döredijiliginde ruhy atamyz adamlary adalatly, edepli, mähirli, mylaýym, akgöwünli, ýakymly, sypaýyçylykly, ünsli, umuman, gowy gylykly bolmaklyga, ýaşy ulyny sylamaklyga we oňa hormat goýmaklyga çagyrýar. Beýik şahyrymyz, şeýle hem halal işlemeklige, az geplilige, ugurtapyjylyga, ýatkeşlilige, sabyrlylyga, jedele goşulmazlyga, tutanýerlilige, işjeňlige, iş başarjaňlyga, diňleýjilik ukybyna, habar soralmaýan ýerde diliňi saklap bilmeklige, ýeterlik derejede özüňe erk edip bilmeklige, parahat häsiýetlilige, özüňi deňeşdirmekde tanamaklyga, paýhasly pikirlerden ýüz öwürmezlige, ýagdaýa dogry baha berip bilmeklige, sözläňde söz aslyna ýagşy ýetmeklige, öz nukdaýnazaryňy aýdyň we sowatly beýan edip bilmeklige, ýagşy işler etmeklige, ýagşyny ýamandan tapawutlandyryp bilmeklige, sözüňe ygrarly bolmaklyga ýokary baha berýär.

Akyldar şahyrymyzyň diňe özünde akyly bolan adamyň akyla baha berip biljekdigi, munuň üçin paýhasyň zerurdygy, zähmete bolan söýgini her adamyň ýüreginde saklamalydygy, hakykaty köpeltmekligiň wajyplygy, ähli zatda — sözde, hereketde çeni-çaky bilmekligiň möhümligi, dünýäde her bir ynsanyň gowulykdan yz galdyrmalydygy, Watana, halka wepaly bolmak ýaly ündewleri hem onuň hiç wagt gymmatyny ýitirmeýän nesihatlaryna degişlidir.

Ylym medeniýetiň iň möhüm bölegi we adamzadyň döredijilik zehininiň iň ýokary ýüze çykmalaryndan biridir. Ylymyň gazananlary umumadamzat ähmiýetine eýedir. Hut şonuň üçin hem, Magtymguly Pyragynyň döredijiliginde ylmyň ýokary ähmiýeti açylyp görkezilýär. Şeýle hem akylly, parasatly adamlaryň jemgyýetde alada bilen gurşalyp alynmagy, ýaşlarda şeýle adamlara bolan ýokary hormaty terbiýelemek, olarda ylma bolan söýgini döretmek we ösdürmek ýaly ündewler hem uly orun tutýar. Muňa akyldar şahyrymyzyň: «Alymlara uýsaň, açylar gözüň», «Alymlaň sözün diňle, nesihatyn al-göter», «Alymlar kemelse, edep tapmaz sen», «Alymlar ýanynda söhbet ýagşydyr», «Mynasyp adamlarda nazaryňy sakla», «Pähimli maslahatdan ýüz öwürme» ýaly gymmatly nesihatlary hem şaýatlyk edýär we şol ündewler türkmeniň däbinde, döwletimiziň özbaşdak, berkarar döwleti gurmak boýunça meýilnamasynda mynasyp orun tutdular. Muny Türkmenistanyň daşary syýasatda ylmyň arkalaşygyna daýanýandygy, döwletimiziň daşary syýasatynyň we diplomatiýasynyň ylmy esaslarynyň yzygiderli pugtalandyrylmagyny talap edýändiginden gelip çykýandygy hem aýdyň subut edýär.



Türkmen diplomatlarynyň daşary syýasatyň we diplomatiýanyň ylmy esaslaryny gowy bilmekleriniň olaryň amaly diplomatik işiniň netijeliligini ýokarlandyrýandygyny, şeýle hem halkara gatnaşyklaryň nazaryýetiniň ösmegine ýardam edýändigini tejribe görkezýär. Şu jähetden, geljekki türkmen diplomatlarynyň diplomatik gullugyň esaslaryny düýpli özleşdirmekleri bilen bir hatarda, olaryň ylmy işe — wajyp halkara meseleleriň ylmy taýdan işlenilmegine işjeň çekilmekleri hem örän möhüm ähmiýete eýe bolýar. Munuň özi olarda amaly diplomatiýany amala aşyrmaga, daşary syýasatyň we diplomatiýanyň meseleleriniň ylmy taýdan işlenilmegini utgaşdyrmak boýunça endikleri işläp taýýarlamaga köp derejede ýardam edýär.



> Ylym medeniýetiň iň möhüm bölegi we adamzadyň döredijilik zehininiň iň ýokary ýüze çykmalaryndan biridir. Ylmyň gazananlary umumadamzat ähmiýetine eýedir. Hut şonuň üçin hem Magtymguly Pyragynyň döredijiliginde ylmyň ýokary ähmiýeti açylyp görkezilýär.

Beýik akyldarymyz we söz ussadymyz Magtymguly Pyragy özüniň döredijiliginde «Akyl kesmez, dür ýasalmaz ussatsyz», «Magtymguly, tälim algyn ussatdan» ýaly ündewleri-de öňe sürýär. Bu bolsa onuň jemgyýetde ussatlyga we ussada beren aýratyn ornundan habar berýär.

Dörän şu mümkinçilikden peýdalanyp, diplomat we halkaraçy-alym hökmünde men özümiň ynançlarymyň, umuman, dünýägaraýşymyň emele gelmeginde we kämilleşmeginde beýik akyldar şahyrymyzyň döredijiliginiň uly orun tutandygyny aýratyn belläp geçmekçi. Bu bolsa maňa köp derejede Watanymyzyň ösüşiniň esasy ugurlarynyň ençemesi boýunça üstünligiň iň ýokary derejelerine çykmaga we onlarça ýyllaryň dowamynda iň ýokary diplomatik wezipeleri talaba laýyk, ýokary netijeli dolandyrmagyň girewlerini elimde mäkäm saklamaga mümkinçilik berdi. Türkmenistanyň diplomatik gullugynyň işgärleri tarapyndan beýik şahyrymyzyň döredijiliginiň hemişe düýpli öwrenilmegi we onuň amaly işde döredijilikli peýdalanylmagy ýurdumyzyň diplomatik gullugynyň, daşary syýasatymyzyň netijeliligini yzygiderli artdyrar, bu bolsa öz gezeginde, daşary syýasy çäkde milli-döwlet bähbitlerimiziň has doly üpjün edilmegine ýardam eder.

**(Dowamy bar).**

***Amangeldi RAHMANOW,***
***Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň Halkara gatnaşyklary we diplomatiýa kafedrasynyň müdiri, Türkmenistanyň Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisi, Türkmenistanyň ussat diplomaty, professor, taryh ylymlarynyň doktory, filosofiýa ylymlarynyň kandidaty.***

*Дипломат должен уметь видеть человека, не глядя на него, и смотреть на человека, не видя его.*

**Жак Тати**

# Ýeňişleriň Dürdänesi

Okuwymyzyň irdenki nyzamyny tamamlap, sapagymyza barýan wagtymyz öňümizden çykan Dürdänäniň deňinden her kim «Gutlaýas, çempion!» diýip geçýärdi. Bu mylaýym gyza daşyndan seredip, eger-eger onuň karate boýunça Ýewraziýanyň çempionydygyna ynanyp bilmersiň. Ol şeýle bir çekinjeň welin, walla, haýran galaýmaly. Ýöne, tutluşyk meýdançasynda welin, garşydaşlary ondan çekinýär.




Çaga göwnüniň islegi. Ynha, Dürdänäniň karate bilen meşgullanyp başlamagynyň baş sebäbi. «Ýüregiňizi diňläň!» diýleni. Çünki bu günki gün Dürdänäniň çagalykdaky saýlan şol ýoly ony sport äleminiň ýokary derejeli münberlerine eltdi. Hawa, Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň Halkara ykdysady gatnaşyklary fakultetiniň 3-nji ýyl talyby Dürdäne Nazargylyjowa bu gün karateniň dürli görnüşleri boýunça Türkmenistanyň birnäçe gezek çempiony, karate boýunça 1-nji derejeli sport ussadydyr.

Üstünlik sözüniň «üstün» sözünden kök alýandygy mälim. Bu diňe garşydaşyňdan däl, eýsem, ilki bilen, özüňden üstün çykmagy aňladýar. Mahlasy, garşydaşyňdan üstün çykan ýeňiji, özünden üstün çykan çempion bolýar. Dürdänäniň hem uly üstünlikleriniň aňyrsynda irginsiz türgenleşikler ýatyr. Bir zat hemişe aýratyn ünsümi çekýär, uly üstünlik gazanan adamlaryň köpüsi özleri hakynda gürlemekden çekinegen bolýar. Dürdäne hem şeýle-dä. Ondan ýeňişleri hakynda soraýaň welin, jogap bermekden geçip, çekinjeňligi bilen ýylgyryp duruberýär.

2023-nji ýylda Türkiýäniň Stambul şäherinde geçirilen aşihara karate boýunça Ýewraziýanyň II açyk çempionatynda 21 — 24 ýaşly türgenleriň arasynda 65 kilograverama çenli agram derejede Dürdäne çempion boldy. Häzirem ýadymda, biz bu habary eşidip, şeýle bir öz ýyllykdaşymyza buýsandyk. Aslynda, biziň okuwymyzda sportuň karate görnüşi boýunça dünýä we sebit çempionlary okaýar. Olardan Dawut Nazmyradowy, Ýusup Garajaýewy, Resul Atajanowy görkezmek bolar.

Ýakynda Dürdänäniň «Biznes reklama» gazetinde çap edilen söhbetdeşliginde ol öz üstünlikleri barada şeýle belläpdir: «Karate boýunça ýaryşlara 2015-nji ýyldan bäri gatnaşýaryn. Şu wagta çenli öz ýaş derejämde kýokişunkaý karate boýunça 3 gezek (2016, 2018, 2019) Türkmenistanyň çempiony, 2 gezek (2015, 2017) çempionatyň kümüş medalynyň eýesi boldum. Mundan başga-da, ýetginjekleriň we ýaşlaryň arasyndaky Türkmenistanyň çempionatynda karateniň kata görnüşi boýunça 2 gezek (2018, 2019), toparlaýyn kata boýunça hem 2 gezek (2018, 2019) 1-nji orna mynasyp boldum. Ulularyň arasyndaky Türkmenistanyň çempionatynda kýokişunkaý karate boýunça 2 gezek (2022, 2023) bürünç medal hem-de 1 gezek (2023) altyn medal gazandym. Şeýle-de ulularyň arasyndaky Türkmenistanyň çempionatynda 2022-nji ýylda karateniň kata görnüşi boýunça 3-nji orna, toparlaýyn kata boýunça bolsa


Ashihara
Certificate
NAZARGYLYJOVA DURDANE
-65kg I
2. AIKO EUROASIA CHAMPIONSHIP
Istanbul 4-7 MAY 2023 TÜRKİYE
in the catagory.

1-nji orna mynasyp boldum. Halkara ýaryşlar barada aýdanymyzda, 2023-nji ýylda Türkiýäniň Stambul şäherinde geçirilen aşihara karate boýunça Ýewraziýanyň II açyk çempionatynda 60 kilograverama çenli agram derejede 18 — 21 ýaşly türgenleriň arasynda 2-nji orny, 21 — 24 ýaşly türgenleriň arasynda bolsa 65 kilograverama çenli agram derejede 1-nji orny eýeledim».




Karateden başga-da, Dürdäne sportuň taýboks we kikboks görnüşleri bilen meşgullanýar. Ol Taýboks boýunça 2018-nji ýylda ýaşlaryň arasyndaky Türkmenistanyň çempionatynda 48 kilograverama çenli agram derejede 3-nji orna, 2019-2020-nji ýyllarda bolsa ýaşlaryň arasynda 54 kilograverama çenli agram derejede 2 gezek «Türkmenistanyň çempiony» diýen ada mynasyp bolýar. Şeýle-de, ulularyň arasyndaky Türkmenistanyň çempionatynda 2018-nji ýylda 1-nji orny, 2019-njy ýylda 2-nji orny eýeleýär. Mundan başga-da, Dürdäne kikboks boýunça 2018-nji ýylda ýaşlaryň arasyndaky Türkmenistanyň çempionatynda 48 kilograverama çenli agram derejede 1-nji ýeri eýelemegi başarýar. Ynha, Dürdänäniň üstünlikleri şulardan ybarat. Ol birbada sportuň karate, taýboks hem-de kikboks görnüşleri boýunça ýurdumyzyň we halkara ýaryşlaryň çempionydyr. Biz hem oňa geljekki ýaryşlarda uly üstünlikleri arzuw edýäris. Dürdäne, çempionlyk hemişe ýaranyň bolsun!

*Gurbansähet GURBANSÄHEDOW,*
*Halkara žurnalistikasy akultetiniň*
*3-nji ýyl talyby.*




As we all know, there is a difference between theoretical and practical knowledge. The master diplomat of Turkmenistan, Doctor of Historical Sciences, Professor, Extraordinary and Plenipotentiary Ambassador of Turkmenistan Amangeldi Rahmanov always remarks: “In addition to various theoretical knowledge, diplomatic work is the result of great experience, special skills and higher professional training demands.”

We understood the great power of these words when we were in a practice at the Embassy of Turkmenistan in the Kyrgyz Republic. During the practice we were introduced to the procedure of work of the consulate: receiving letters, providing services to the foreign citizens and our compatriots such as issuing passports and visas, providing assistance during emergencies and etc. Some doubts that were not resolved by theory for us, were resolved by practice. Diplomatic practice for 12 weeks improved the theoretical knowledge which was given by the professors of the Turkmen National School of Diplomacy. It was not only gaining experience, but also we go introduced to the national principles of Kyrgyz people, traditions, culture, national values, meals, clothes… everything. We also learned the similarities of these two brother nations, which is very important in any profession especially diplomats.



At our free time we have visited many historical and national places and got acquinted with history, art, music and literature of the Kyrgyz nation. One of the noticeable places that we visited was the house museum of great writer of Kyrgyz people Ch. Aytmatov. There we got to know more about his life, works and rewards. This museum had great impact on us.

During our practice time, different remarkable events took place. One of them is directly connected with our institute. On October 30, 2023 a round table discussion dedicated to the Turkmen — Kyrgyz cooperation was held between the Turkmen National School of Diplomacy and Diplomatic Academy of the Ministry of Foreign Affairs of Kyrgyz Republic named after K. Dikambaev. We have participated at this event along with Vice-Rector of Scientific Affairs of our institute B.Matliev, and O. Muhammetberdiev, professor of the Department of International Relations and Diplomacy.

Also on October 13, 2023, Council of the Heads of State of the Commonwealth of Independent States took place in Bishkek.

We are very thankful to our esteemed President and Hero Arkadag for created opportunities to improve our knowledge at a practice in an international level.

***Maral BAGYROVA,***
***the 5th year student of the Faculty of International Relations.***

*Карате зародилось в Китае, откуда затем попало на остров Окинава, где и получило название «каратэ» – «китайская рука».*

*Diplomatic relations between Turkmenistan and Kyrgyzstan established on October 5, 1992.*

ÝAŞ DIPLOMATYŇ SESI
Biziň baş maksadymyz Watana gulluk etmekdir! METBUGAT — ELEKTRON GAZETI
THE VOICE OF YOUNG DIPLOMAT
Our main goal is to serve the Motherland!

Baş redaktor
Aýnabat NAZAROWA

Baş redaktoryň orunbasarlary: M.Mätgurbanow, G.Gurbansähedow.
Jogapkär kätip: B.Garaýew.
Jogapkär kätibiň orunbasary: A.Kaşaňow.
Bölüm müdiri: J.Öwezowa.
Edebi işgärler: A.Ýazweliýew, A.Atajykowa, O.Çaryýarowa.
Fotohabarçy: K.Akmämmedow.
Korrektor: A.Döwletowa.

Redaksion geňeşiň agzalary:
B.Ataýew, M.Berdinyýazow, T.Uşakow, R.Bäşimow, B.Saryýew, B.Amansaryýew, B.Karaýew, M.Gandymowa, T.Babaýewa, P.Çaryýew, J.Pürjäýewa, O.Amanmuhammedowa.

Gazet elektron görnüşinde HGI-niň www.iirmfa.edu.tm internet saýtynda ýerleşdirilýär.

E-mail:
hgi.redaksiya@gmail.com